HAKYKY BOLAN WAKA



# DORI

## HIÇ KIMIŇ HALAMADYK GYZJAGAZY

AWTORY ARLIN ADAMS
SURATKEŞLER JENIN HEÝNS WE JON HARMS

# DORI

## HIÇ KIMIŇ HALAMADYK GYZJAGAZY.




EJEJAN, MENI GUJAKLAÝDA!
ÝOK BOLSANA, MEN ÝADAW!
EJESI AŞHANA TARAP GITDI.
DORI! SEN ÝENE-DE STAKANY DÖWDÜŇMI! NÄHILI OŇAÝSYZ SAMSYK! SENIŇ ELIŇDEN GELÝÄN ZAT BIR BARMY?
DORINIŇ ÝAŇAGYNA GÜÝÇLI ŞARPYK DEGDI.
BU SAŇA SAPAK BOLAR – INDIKIDE SERESAP BOLARSYŇ!
BAR ÝAT – ŞU GÜN SEN AGŞAMLYGA HIÇ ZAT IÝMERSIŇ!
KÖPLENÇ DORI EJESI OÝANMAZ ÝALY ÝUWAŞJADAN UZAK GIJESI BILEN AGLAP GEÇIRÝÄRDI.
NÄME ÜÇIN OL MENI SÖÝMEÝÄRKÄ? NÄME ÜÇIN OL MARINI SÖÝÝÄR, MENI BOLSA SÖÝENOKKA? OL MENI NÄME ÜÇIN BETNYŞAN DIÝIP ATLANDYRÝAR?
MARI, ME AL, ÝENE SUW IÇ WE MÜREPBELI ÇÖREGIŇI HEM IÝ.
DORI HÄZIREM ÖZ UÝASYNYŇ ALADASYNY EDÝÄRDI.


ŞEÝDIP AÝ GÜNLER GEÇIP DURDYLAR.
DORI OZÜNI HIÇ KIMIŇ SÖÝMEÝÄNDIGINI, HIÇ KIME GEREK DÄLDIGINI BILÝÄRDI. OLARYŇ ÖÝLERINDE HIÇ HAÇAN HIÇ KIM GÜLMEÝÄRDI — OLARDA GÜÝMENER ÝALY HIÇ ZAT, HIÇ HILI OÝUNJAKLAR HEM ÝOKDY.
EMMA BIR GEZEK HEMME ZAT ÜÝTGEDI, OÝE GELIP EJESI ÇAGALARYNY GARAŞYLMADYK TÄZELIK BILEN GEŇ GALDYRDY.
PALTOLARYŇYZY GEÝIŇ WE ÝÖRÜŇ MENIŇ BILEN, MEN MUNDAN ARTYK SIZI EKLÄP BILEMOK; MEN SIZI BIR ÖÝE ALYP GITJEK.
?
OLAR TRAMWAÝDA GIDIP BARÝARDYLAR. DORI ÖZÜNIŇ KAGYZA DOLANGY GOŞJAGAZYNY ELLERINDE ÝKJAMJA SAKLAÝARDY.
"BIR ÖÝ" BU NÄME DIÝDIGI? BU NÄHILI ÖÝ?
OLAR BEÝIK DEMIR DERWEZÄNIŇ ÝANYNA BARDYLAR.
EJELERI OLARA GIRMEKLERINI AÝTDY.
SAG BOLUŇ! MEN SIZI GÖRMÄGE GELIP DURARYN
?
OLAR EDIL GÜNORTA NAHARYNA GABAT GELDILER. OLARY HOWLUKMAÇLYK BILEN ULLAKAN OTAGA SALDYLAR, OL OTAGDA UZYN STOLUŇ BAŞYNDA TAKMYNAN ALTMYŞA GOLAÝ ÇAGALAR OTYRDYLAR.
BU ÇAGALAR KIM? BU MEKDEPMIKÄ?
STOLUŇ BAŞYNDA ÝUWAŞ OTURYŇ! BASYMRAK IÝIP BOLUŇ. EGER BIR ZATLAR AÝTMAKÇY BOLSAŇ ELIŇI GALDYR!


FU! ŞUGUNDYR! MEN ŞUGUNDYRY ASLA HALAMOK!
ONY HALAMAGY ÖWREN! HEMMESINI IÝÝANÇÄŇ, STOLUŇ BAŞYNDAN TURMARSYŇ!
DORI KEÇJAL GYZJAGAZDY, EMMA DIREKTOR ONDAN HEM BETER KEÇJAL BOLUP ÇYKDY.
NAHAR WAGTY GEÇDI... AGŞAMLYK NAHAR WAGTY GEÇDI... ŞEÝDIP DORI NAHARYNA ELINI HEM DEGIRMEDI, HENIZ HEM OŇA STOLUŇ BAŞYNDAN TURMAGA RUGSAT ETMEDILER.
AHYRYN ÝATMALY WAGTY GELDI. MARINI KIÇILERIŇ TOPARYNA ALYP GITDILER, DORINIŇ BOLSA ÝEKE ÖZI GALDY, HOJAÝYN AÝAL ONY REHIMSIZLIK BILEN ÝENÇDI WE ÝOKARYK ALYP GITDI.
BU ÖÝDE SAŇA AÝDYLANLARYŇ BARYNY ÝERINE ÝETIRMEGI ÖWREDERLER.
ONY ULLAKAN,GARAŇKY OTAGA ALYP BARDYLAR, OL OTAGDA ÝIGRIMÄ GOLAÝ KROWAT BARDY.
YNHA BU SENIŇ KROWADYŇ, DESSINE EŞIKLERIŇI ŞKAFDA ASYP GOÝ-DA, GEÇ-DE ÝAT!
EJEM BASYM GELERMIKÄ?
OL KÄWAGTLAR ARASYNDA GELIP GIDER.
BIRINJI GIJEDE DORI AGLAP-AGLAP UKLAP GALDY. ŞEÝDIP BEÝLE GÜNLER ÝEDI ÝYLA ÇEKDILER.


ERTESI IRDEN...
BU NÄHILI ÖÝ?
BU ÇAGALAR ÖÝI. BU ÝERIK HIÇ KIME GEREK DÄL ÇAGALARY TABŞYRÝARLAR.
HANYM GABRIÝEL, ÇAGALAR ÖÝÜNIŇ HOJAÝYNY, ONY OÝUN OÝNALÝAN OTAGA ALYP BARDY.
HER BIR ÇAGANYŇ GOŞLARY ÜÇIN ÖZÜNIŇ AÝRATYN ÇEKERI BAR, SEN HOL BURÇDAKYNY ALYP BILERSIŇ...
NÄHILI GOŞLAR ÜÇIN? MENIŇ HIÇ ZADYM ÝOK.
SENIŇ HAÝSYDYR BIR OÝNAWAJYŇY MEN ÖZ ÇEKERIME SALAÝAÝYN.
ELLEME! BU MENIŇKI.
EJEM GELÝÄNÇÄ ŞU ÝERDE ÝAŞAÝYN. MEN ŞEÝLE UZAK GARAŞMALY BOLMARYN AHYRY
ÝÖNE GÜNLER WE HEPDELER YZLY – YZYNA GEÇIP DURDULAR, EJESI BOLSA GELENOKDY, DORI BU ÝERDE KÖP WAGT GALMALY BOLJAKDYGYNA GITDIGIÇE GÖZ ÝETIRDI. OL BU ÖÝDE ÝAŞAMAGYŇ DIŇE ÝEKE-TÄK BIR USULYNY GÖRÝÄRDI – GÖDEK WE REHIMSIZ BOLMAKLYGY GÖRÝÄRDI.
EÝ, HANY ELLEME, BU MENIŇ GURJAGYM.
MAŇA BER ONY, MENIŇEM OÝNASYM GELÝÄR.
ONUŇ HER GÜN IRDEN OLARA BERILÝÄN ÝARMANY IÝESI GELMEÝÄRDI.
MEN SOŇ MUNY RAKOWINA TÜÝKÜRERIN.
AHYRSOŇY HOJAÝYN AÝAL ONY TUTDY.
DORI!
HÄZIRIŇ ÖZÜNDE BÄRI GEL!


OL ONUŇ AGZYNY SABYNLADY... SABYN BILEN DEŇEŞDIRENIŇDE ÝARMA OŇA BEÝLE TAGAMSYZ HEM BOLUP GÖRÜNMEDI!
YYYY
DORI BIR GYZJAGAZ BILEN JORA BOLDY.
DORI, EGER ISLESEŇ, MENIŇ REŇKLI GALAMLARYMY ALYP BILERSIŇ.
SAG BOL, ESTER, MEN MEKDEPDEN KAGYZ OGURLADYM — GEL BILE SURAT ÇEKELI.
INE, BIR GÜN HEM ESTER ÝITDI.
ESTER NIREDE?
OL BU GÜN GITDI — ONY BIR MAŞGALA GYZLYK EDIP ALDY.
DORI DÜŞEGINE GÖZ ÝAŞLY ÝYKYLDY.
BU ÝERDE DOSTLAŞMA DIÝMEDIMMI? OLARY ALYP GIDENLERINDE, GYNANARSYŇ
AGYŇY BES ET! ÖZÜŇE ÝÜREGIŇ AWAMAK HÄSIÝETIŇI TAŞLADARYN.
HANYM GABRIÝEL ÇAGALARY SEBÄPSIZ HEM URARDY.
DORINI HATDA HIÇ ZAT ETMEDIK BOLSA HEM URARDYLAR.










DORI IKI SANY DERSI GOWY GÖRÝÄRDI, EDIL ŞOLARYŇ BARLYGYNDA DURMUŞ HIÇ BOLMANDA ÇEKIP ÇYDARLY BOLÝARDY — BU OKAMAK WE SURAT ÇEKMEK.











GAZET KIOSKYNYŇ ÝANYNDA...
HAÇANAM BOLSA BIR WAGT MEN MEŞHUR SURATKEŞ BOLARYN! MENIŇ SURATLARYM ŽURNALLARDA ÇAP EDILER.
ÝÖNE ÄHLI ZATDAN BETER DORI, HAKYKATDAN HEM ÖZI SÖÝÜLJEK MAŞGALA BARADA ARZUW EDÝÄRDI.
HAWA! EGER SENI KIMDIR BIRI SÖÝSE BU GÖR NÄHILI AJAÝYP.
HER AÝDA BIR GEZEK ÇAGALAR ÖÝÜNDE HER BIR ÇAGANYŇ TOLGUNMA BILEN GARAŞÝAN AÝRATYN GÜNI GELÝÄRDI, ŞOL GÜN OLARYŇ ÝANYNA ULULAR ÇAGANY OGULLYK EDIP SAÝLAMAK ÜÇIN GELÝÄRDILER.
DORI ÝUWUNÝARDY, SAÇLARYNY TIMARLAP DARAÝARDY WE IŇ OŇAT KÖÝNEGINI GEÝÝÄRDI.
HAÝÝŞ EDÝÄN, ŞU GÜN HAÝSYŇYZ HEM BOLSA, MENI SAÝLAÝYŇ!
EMMA HER GEZEK ULULAR ONUŇ GAPDALYNDAN GEÇIP GIDÝÄRDILER...
SEREDÄ, HOL SYRATLY OGLANJYGA!
BIZ ŞOL AKSOW SAÇLYJA OGLANJYGY ALARYS!
BASYM DORI BU GELIM – GIDIMLERDEN GORKUP BAŞLADY, ULULAR GELEN BADYNA OL OLARDAN GIZLENÝÄRDI.
DORI, SAMSYJAK, BU ÝERDEN ÇYK HANY.
MEN ÇIŞIK BETNYŞAN: MENI HIÇ KIM SAÝLAMAZ. ÇYKYP NÄDEÝIN?


BIR GEZEK ÇAGALAR ÖÝÜNE TALYPLARYŇ BIR TOPARY GELDI, OLAR ÇAGALAR BILEN MESIHILIK AÝDYMLARYNY ÖWRENÝÄRDILER WE OLARA INJILDEN WAKALARY GÜRRÜŇ BERÝÄRDILER.
?
HUDAÝ SIZI ÖRÄN SÖÝÝÄR. OL SIZIŇ KAKAŇYZ BOLASY GELÝÄR WE SIZ BARADA ALADA EDESI GELÝÄR!
BU ÝALAN! MENI HIÇ KIM SÖÝENOK!
HUDAÝ SIZI ŞEÝLE BIR SÖÝÝÄR WELIN, OL ÖZ OGLY ISANY SIZIŇ HEMME ERBET HEREKETLERIŇIZ ÜÇIN JEZA ÇEKMÄGE IBERDI.
INDI SIZ BAGYŞLANDYŇYZ WE HUDAÝYŇ ÝANYNA GELIP BILERSIŇIZ.
SIZIŇ ARAŇYZDA ÖZ ÖMRÜNI HUDAÝA YNANJAGYŇYZ BARMY?
MEN ISLEÝÄRIN, ÝÖNE MENIŇ ÜSTÜMDEN GÜLERLER AHYRY.
HATDA, BIZIŇ ŞU GÜN AÝDAN ZATLARYMYZYŇ BARYSYNY ÝADYŇYZDAN ÇYKARSAŇYZ-DA, BIR ZADY ÝADYŇYZDA SAKLAŇ...


HUDAÝ SIZI SÖÝÝÄR!
MENI HUDAÝ SÖÝÝÄR? BU HAKYKATDANAM DOGRUMY?
EGER MENI SÖÝÝÄN ÝEKE-TÄK HUDAÝ BOLSA, ONDA EGER MEN GEREK BOLSAM, MENI AL...
ONUŇ EJIR ÇEKEN ÝÜREJIGINE AJAÝYP BIR DÜNÝÄ GIRDI, OL BILÝÄRDI: ÜÝTGEŞIK BIR ZAT BOLUP GEÇDI.
BU HAKYKAT! HUDAÝ MENI SÖÝÝÄR, MEN MUNY DUÝÝARYN!
BU GIJE DORI ÝENE-DE DÜŞEGINDE AGLADY.
DORI, SAŇA ÝENE NÄME BOLDY?
ÝÖNE BU GÖZ ÝAŞLAR ŞATLYGYŇ GÖZ ÝAŞLARYDY!
BAŞYM ÇAGALAR ÖÝÜNDE TÄZE TERBIÝEÇI PEÝDA BOLDY. OL ŞEÝLE BIR DOSTLUKLYDY.
DORI, MENIŇ BILEN YBADATHANA GIDESIŇ GELÝÄRMI?
YBADATHANA? MEN ONUŇ NÄMEDIGINI BILEMOK, ÝÖNE ELBETDE ... MENIŇ GIDESIM GELÝÄR!
HUDAÝ BIZI SÖÝÝÄR, EMMA GÜNÄLER BIZI ONDAN DAŞLAŞDYRÝARLAR.
GÜNÄŇ ÜÇIN JEZALANMAK — BU ÖLÜM. ÝÖNE ISA BIZIŇ ÜÇIN JEZA ÇEKDI.


ŞOL SEBÄPLI HEM BIZ HUDAÝDAN BIZI BAGYŞLAMAGYNY HAÝYŞ EDIP BILERIS. BIZIŇ ÜÇIN HUDAÝA ÝOL AÇYK.
INJILDE ŞEÝLE AÝDYLÝAR: "ONY KABUL EDENLERE, ONUŇ HÄSIÝETINE IMAN EDENLERE HUDAÝYŇ PERZENTLERI BOLMAK ÜÇIN HÖKÜM BERDI"
ÝNHA NÄME BOLUP GEÇDI, MEN ÇAGALAR ÖÝÜNDE DOGA EDENIMDE, MEN HUDAÝYŇ GYZY BOLDUM AHYRY!
DORI, MEN SAŇA SOWGAT EDESIM GELÝÄR.
SOWGAT? MAŇA? BU NÄME?
BU INJIL – HUDAÝYŇ SÖZI. ONY HER GÜN OKA. ONUŇ ÜSTI BILEN HUDAÝ SENIŇ BILEN GÜRLEŞER.
WAÝ! SAG BOLUŇ! BU MENIŇ ÖMRÜMDE ILKINJI SOWGAT!
BU NÄHILI OŇAT – MENIŇ ÖZ INJILIM BAR! GÖKDÄKI ATAMYZ, SAŇA MINNETDAR. ONY HER GÜN OKAMAGY WADA BERÝÄRIN.
DORI 13 ÝAŞADY WE OL ÇAGALAR ÖÝÜNDEN GITMELIDI, ONY MARI BILEN FOSTERLERIŇ MAŞGALASYNA BERDILER, ÝNHA ÇAGALAR ÖÝÜNDE ÝEDI ÝYL BOLMAKDAN SOŇ, GYZJAGAZLAR NÄTANYŞ DÜNÝÄ BILEN ÖWRENIŞMELI BOLDULAR.


FOSTERLERIŇ ÖÝI, OLARYŇ DÜŞMEKLIGI ARZUW EDEN ÖÝLERINE ASLA MEŇZÄNOKDY...
MEN SIZIŇ EJEŇIZIŇ JORAŞY. MENI "MAMA" DIÝIP ATLANDYRAÝYŇ.
BU ÝERDE SEN MENIŇ DIÝEN ZATLARYMY EDERSIŇ, ÝOGSAM SENI EDIŞIME BIR SERET... DÜŞNÜKLIMI?
NAHAR BAŞYNDA.
HAWA, MAMA.
GYZLAR, SIZ, EGER BIR ZATLAR GALSA SOŇ GARBANARSYŇYZ.
SIZI EKLÄP-SAKLAMAK MAŇA GATY GYMMAT DÜŞÝÄR. BARYŇ-DA ÖZ EJEŇIZI GÖZLÄŇ... OŇA MAŇA MUNDAN HEM KÖP PUL GEREKLIGINI AÝDYŇ!
BIZ ONY NIREDEN TAPARYS AHYRYN?
MEN NIREDEN BILEÝIN? OL BIR ÝERLERDE OFISIANT BOLUP IŞLEÝÄR... BARYŇ-DA GÖZLÄŇ!
PULSUZ GAÝDYP GELÄÝMÄŇ! ÝOGSA SIZIŇ ÖZÜŇIZ BILÝÄNSIŇIZ NÄME BOLJAGYNY!
ÝÖR, MARI, ÝÖR!
GYZJAGAZLAR KAFELERIŇ WE RESTORANLARYŇ AÝNALARYNA SEREDIP KÖÇEDE ENTÄP ÝÖRDILER...


BAGYŞLAŇ, JENAP... BIZ ÖZ EJEMIZI GÖZLEÝÄRIS
BU ÝERDE ÇAGALY AÝALLAR IŞLEMEÝÄRLER.
BIRDEN OLAR ONY GÖRDÜLER...
EJEJAN, EJEJAN, BIZ SENI TAPDYK!
DORI, GÜMÜŇI ÇEK, MEN SENIŇ EJEŇ DÄL!
EJEJAN, HAÝYŞ EDÝÄN, MAMA PUL GEREK.
OŇA MENDE PUL ÝOK DIÝIP AÝDYŇ. INDI BOLSA GIDIŇ ŞU ÝERDEN!
EJESINIŇ ÖÝÜNDE
AH SEN HAÝWAN, MEN SIZE PULSUZ GAÝDYP GELÄÝMÄŇ DIÝDIM AHYRY!
GADYRLY HUDAÝ! NÄME ÜÇIN ÄHLI ZAT BEÝLE BOLDY? MEN EJEMIZ TAPYLSYN DIÝIP DOGA ETDIM, SEN BIZE ONY TAPMAGA KÖMEK ETDIŇ, ÝÖNE OL BIZI KOWDY PUL BERMEDI.
HUDAÝ DORI HAKYNDA ALADASYNY BES ETMEDI. BIRAZ WAGTDAN SOŇ...
MARI BILEN ONY GYZLAR ÜÇIN UMUMY ÝAŞAÝYŞ JAÝYNA MAMANYŇKYDAN ALYP GITDILER.


MARI, KROWATLARYMYZYŇ ÝAPYNJALARY, G ÖR NÄHILI OWADAN!
HAWA! BU ÝERDE NAHAR HEM ŞEÝLE BIR TAGAMLY!
BU ÝERDÄKI DURMUŞ OLARYŇ HIÇ HILI YŞYK DÜŞMEÝÄN ÖMÜRLERINDÄKI GÜN ŞÖHLESI ÝALY BOLUP GÖRÜNÝÄRDI. GYNANSAK-DA, BU ARALYK DIŇE BIRNÄÇE AÝLAP DOWAM ETDI.
GYZLAR, GOŞLARYŇYZY ÝYGNAŇ, BIZ SIZI ALMAGA RAZY BOLAN BIR MAŞGALANY TAPDYK.
MARI, EŞIDÝÄRMIŇ, BIZ KIMDIR BIRINE GEREKMIKÄK?
ŞUNÇA ÝYLLARDAN SOŇ, MUŇA YNANMAK KYN!
GYZJAGAZLAR, EGER OLARA GARAŞÝAN WAKA BARADA BILEN BOLSALAR, BEÝLE ŞATLANMAZDYLAR HEM...
MAMA! BU SIZMI? BIZ... BIZ SIZIŇKÄ GAÝDYP BARÝARYSMY?
ÝOK! BU AÝAL SIZI EJEŇIZIŇ TANYŞLARYNYŇ MAŞGALASYNA ÄKIDER.
EMMA BU HIÇ HILI GOWULYGY AŇLATMAÝAR.
MAKINLERIŇ ÖÝÜNDE...
HIÇ HILI AKMAKLYK ETMÄŇ — SIZ BU ÝERE IŞLEMEK ÜÇIN ALYNDYŇYZ! AŞHANA TARAP UGRAŇ-DA IŞE BAŞLAŇ!
YNHA, ÝENE-DE ŞOL ÖŇKI ZATLAR GAÝTALANÝAR.


BU NÄHILI AKMAK GYZ-A! SEN ŞUNÇA WAGTLAP DÜKANDA NÄME IŞLEDIŇ?
HAÝYŞ EDÝÄN, MENI URMAŇ! MEN BAŞARYŞYM ÝALY HOWLUKDYM AHYRYN.
MARI, NÄME ÜÇIN MENI HEMIŞE URÝARLAR, SENI BOLSA — ÝOK? MEN NÄMÄNI DOGRY ETMEÝÄRKÄM?
MEN BILEMOK-DA.
MARI MAKINLERIŇ GYZYNYŇ OTAGYNDA ÝATÝARDY, DORI BOLSA KORIDORDA RASKLADUŞKANYŇ ÜSTÜNDE ÝATMALY BOLÝARDY — WE KÖPLENÇ...
NÄTANYŞ ERKEKLER HANYM MAKINIŇ OTAGYNA TARAP GÖNELENLERINDE, DORINIŇ DÜŞEGINIŇ GAPDALYNDAN GEÇÝÄRDILER...
MAŇA DEGMÄŇ!
AHYRYN OLAR GIDENDEN SOŇ DORI ÝASSYGYNY GUJAKLAP AGLAÝARDY...
DORINIŇ ERKEKLERIŇ NÄME ISLEÝÄNDIKLERINE AKLY ÝETÝÄRDI, ÇÜNKI OL ÝETIŞEN GYZDY.
DORI ŞEÝLE BIR ÖZÜNIŇ SÖÝÜLMEGINI ISLEÝÄRDI ÝÖNE, HIÇ BIR ADAMZAT OŇA BOLAN SÖÝGÜSINI GÖRKEZMEDI. ŞOL SEBÄPLI OL ÝENE HUDAÝA ÝÜZ TUTDY.
SÖÝGÜŇ ÜÇIN SAŇA MINNETDAR, ATAM,!
HER SÄHER OL WANNADA GAPYNY ÝAPYP DOGA EDÝÄRDI HUDAÝ ONY INJILIŇ ÜSTI BILEN KÖŞEŞDIRÝÄRDI.
NÄHILI AJAÝYP SÖZLER — OLARY ÝAT TUTMALY.
GORKMA, ÇÜNKI MEN SENIŇ BILEN.


EZIZ ATAM, SEN MAŇA ŞU GÜN MEKDEPDE KÖMEK ET WE HANYM MAKINE MENI URMAGA ÝOL BERME.
KÄWAGTLAR MUKADDES KITAPDAN ÝATLAN SÖZLERI, ONUŇ ÝADYNA DÜŞÝÄRDI, HUDAÝ OŇA ÝÜZLENÝÄN ÝALY DUÝULÝARDY.
WAH, MENIŇ ŞULAR ÝALY OWADAN KÖÝNEGIM BOLSADY...
"DORI, MESIHIŇ DOGRULYGY – BU HAS AJAÝYP EŞIKDIR".
BAŞGA BIR GÜN...
MEN ŞEÝLE BIR AJYGÝARYN – WAH MEN IÝMÄGE NÄMEDIR BIR ZAT ALYP BILÝÄN BOLSADYM...
"ADAM DIŇE BIR ÇÖREK BILEN ÝAŞAÝAN DÄLDIR".
MEN KIMDIR BIRINIŇ ÖZ ELIMDEN TUTMAGYNY ISLEÝÄRIN.
DORI, MEN SENIŇ HEM ATAŇ, HEM EÑEŇ BOLARYN, DOGANYŇ WE UÝAŇ BOLARYN, MEN HEMIŞE SENIŇ BILEN.
MEN ARKAÝYN ÝATYP BILÝÄRIN, SEBÄBI OL MEN BARADA ALADA EDÝÄR!


BIR GEZEK DYNÇ GÜNI...
BÄ-Ä, RADIODA NÄME BARADA GÜRLEÝÄRKÄLER?
ISA, MENI
SÖÝÝÄNLIGIŇ ÜÇIN SAŇA MINNETDARDYRYN...
BÄ, BU NAHILI AJAÝYP SAZ!
ŞONDAN BÄRI OL, MAKINLERIŇ DYNÇ GÜNLERI ÖÝLERINDEN GITMEGI ÜÇIN DOGA EDÝÄRDI, OLAR ÖÝDEN GITSELER, OL RADIODA INJIL GEPLEŞIKLERINI DIŇLÄP BILÝÄRDI.
HUDAÝYŇ SÖZI ŞEÝLE DIÝÝÄR: "HEMME ZÄHMET ÇEKÝÄNLER WE KEMSIDILÝÄNLER MENIŇ ÝANYMA GELIŇ, MEN SIZI KÖŞEŞDIRERIN..."
DYNÇ GÜNLERI DORI YBADATHANA GÖZLÄP KÖÇELERDE ENTEÝÄRDI.
YBADATHANA GULLUKLARY DYNÇ GÜNLERI IR SAGAT 10–da BOLÝAR
BASYM OL BAPTISTLERIŇ YBADATHANASYNYŇ AGZASY BOLDY WE KÖP WAGT GEÇMÄNKÄ ÇOKUNDYRYLDY.
HUDAÝ, MEN DURŞUM BILEN SAŇA DEGIŞLI WE BU BARADA GOÝ BÜTIN DÜNÝÄ BILSIN!
SENI ATANYŇ, OGLUŇ WE MUKADDES RUHUŇ ADY BILEN ÇOKUNDYRÝARYN.
MAKINLERE BOLSA BU O DIÝEN BIR ÝARAMADY...
YBADATHANA GATNAMAK – BU WAGTYŇY BIDEREK ÝITIRMEK! ODUN ÇAPYP GUTARÝANÇAŇ HIÇ ÝERE GITMERSIŇ!



OLAR HENIZ HEM ONY URÝARDYLAR. MEKDEPDE BOLSA...
MEN ÝÜZÜMI DIWARA URUP ÝARALADYM.
MEN ÖÝE GAÝDYP GELENIMDE ÖZÜM BILEN BOLUP GEÇÝÄN ZATLAR BARADA HIÇ KIME AÝTMAGA HET EDIP BILMERIN. EGER MAKINLER MEN OLAR BARADA ARZ EDÝÄNDIRIN DIÝIP OÝLASALAR, MAŇA ÖŇKÜDEN HEM BETER AZAP BERERLER.
DORI, NÄME ÜÇIN SENIŇ ÝÜZÜŇ ÝARALANAN?
DORI, SENIŇ BURNUŇ GANAÝAR!
M-M-M... MEN MEKDEBE GIDIP BARÝARKAM ÝYKYLDYM.
YNHA BIR GEZEK DORI MEKDEPDEN ÇYKYP BARÝARKA...
SIZ DORIS DAKWORTMY?
H-HAWA.
EJEŇ ÖZ BORÇLARYNDAN BOÝUN GAÇYRÝAN-LYGY ÜÇIN AÝYPLANÝAR. HÄZIR ÝAŞAÝAN ÖÝÜŇIZIŇ EÝELERINE GARŞY HEM AÝYPLAMA TEKLIP EDÝÄRIS.
ÝOK! INDI MENIŇ IŞIM GAÝTDY!
AGŞAMLYK MAKINLERIŇ ÖÝÜNDE...
HANY GEL BÄRI, HARAMZADA!


SEN NÄDIP BIZE GARŞY ARZ ETMÄGE HET ETDIŇ! SENI ÖÝÜMIZE ALDYK, SEN ÜÇIN NÄÇE ÝAGŞYLYK ETDIK!
SEN BOLSA POLISIÝA ARZ ETMÄGE GIDIPSIŇ!
BEÝTMÄŇ, BEÝTMÄŇ! SIZ MENI ÖLDÜRERSIŇIZ!
EÝ HUDAÝ, MEN MUNDAN ARTYK ÇYDAM EDIP BILEMOK, MENI BU ÝERDEN ÄKIT.
HER KIMIŇ SABRYNYŇ ÇÄGINI HUDAÝ BILÝÄNDIR...
BIRNÄÇE GÜN GEÇENDEN SOŇRA, KAZYÝETDE...
DORIS DAKWORT, HANY ÖŇE ÇYK.
LAURA DAKWORT, BU SIZIŇ GYZYŇYZMY?
HAWA, JENAP, ÝÖNE EGER ARMAN BU MÜMKIN BOLAN BOLSA, MEN OL ENTEK DÜNÝÄ INMÄNKÄ HEZILLER EDINIP ONDAN DYNARDYM.
GYSGAJYK MASLAHATDAN SOŇ KAZY KARAR ÇYKARDY.
DORI WE MARI EJESINIŇ ELINDEN ALYNÝARLAR WE KAZYÝETIŇ HOSSARLYGYNA GEÇIRILÝÄRLER.
DORIS, SIZ BOLSA MAKINLERIŇ ÖÝÜNDEN BAŞGA ÖÝE GEÇIRILERSIŇIZ.
HUDAÝ, SAŇA MINNETDARLYK BILDIRÝÄRIN! SEN MUNY ETDIŇ!
DORINIŇ EJESI TAS DÄLIRÄPDI.
EGER SEN ÝENE ÝEKEJE GEZEK MAŇA GABAT GELÄÝSEŇ, MEN SENI ÖLDÜRERIN!


AHYRYN DORI EJESINIŇ ÖZÜNI NÄME ÜÇIN ŞEÝLE ÝIGRENÝÄNLIGINE DÜŞÜNDI...
OL ÝAŇY 15 ÝAŞYNDADY WE OL GÖWRELI BOLANDA ENTEK DURMUŞA ÇYKMADYKDY.
OL INDI ÖZÜNIŇ HEMME BETBAGTLYKLARYNDA MENI GÜNÄKÄR HASAPLAÝAR.
MEN SEBÄPLI OL DURMUŞA ÇYKMALY BOLUPDYR, EMMA MENIŇ KAKAM KÖP WAGT GEÇMÄNKÄ ONY TAŞLAPDYR...
HUDAÝ, HAÝYŞ EDÝÄN, MAŇA EJEMI BAGYŞLAMAGA KÖMEK ET. BU ÖRÄN AGYR, ÝÖNE MEN SENIŇ EDIL ŞUNY ISLEÝÄNLIGIŇI BILÝÄRIN.
DORI EJESINI BAGYŞLAMAGY KARAR EDEN PURSADY, ONUŇ ÝÜREGINE HUDAÝ ORNAŞDY. HEMME AJYLYKLAR ÝITIP GITDILER WE HUDAÝ ONUŇ ÝARALY RUHUNA WE ÝÜREGINE TESELLI BERIP BAŞLADY.
MARI MAKINLERDE GALDY, DORI ÜÇIN BOLSA BAŞGA MAŞGALA TAPDYLAR. OL ÝENE-DE ÖZ AZAJYK GOŞUNY ÝYGNADY WE BIR ÖZI NÄTANYŞ ÖÝE TARAP UGRADY.
SALAM, DORI! BIZ SENI ÖZ ÖÝÜMIZDE GÖRMÄGE ÖRÄN ŞAT!
EMMA OLAR OL BARADA DIŇE BORÇLY DUÝGYNYŇ BOLANLYGY ÜÇIN ALADALANÝARDYLAR WE BU BOLSA ONUŇ SÖÝGÄ BOLAN ÇUŇŇUR TALAPLARYNY KANAGATLANDYRYP BILMEDI.
MENI BIR AZAJYGAM BOLSA SÖÝSELER BOLMAÝARMY, MEN ŞUNY ISLEÝÄRIN AHYRY!
DORI BILEN MARI HER GÜN MEKDEPDE DUŞUŞÝARDYLAR.
DORI, MEN SAŇA BIR ZAT BARADA AÝTMALY... MEN DURMUŞA ÇYKÝARYN!
MARI, AÝDÝANYŇ NÄME? SEN ÝAŇY 15 ÝAŞYŇDA, AHYRYN!
ILKI BILEN MEKDEBI TAMAMLAMALY! SOŇ BOLSA IŞ TAPARYS...
SEN DÜŞÜNEŇOK, MEN...
DORI, MEN DURMUŞA ÇYKAÝMALY... MENIŇ ÇAGAM BOLMALY!
NÄME ÜÇIN MEN OL BARADA OŇAT ALADALANMANDYRYN. OL HEM EDIL MENIŇ ÝALY SÖÝGI GÖZLEÝÄN EKEN AHYRYN...
YNHA ONUŇ AGTARMALARY NÄMÄ ELTDILER...


SEN NIRÄ GITMEKÇI BOLÝARSYŇ?
MENIŇ UÝAM MARI ŞU GÜN DURMUŞA ÇYKÝAR.
SEN OL TOÝA GITMERSIŇ!
WAÝ... MEN OŇA ŞEÝLE GEREG-Ä!
OL EDIL SENIŇ EJEŇ ÝALY HARAMZADA! BIZ SENIŇ HEM ŞONUŇ ÝALY BOLMAGYŇY ISLÄMIZOK!
EÝ HUDAÝ, KÄWAGTLAR DURMUŞ ŞEÝLE BIR KYN BOLÝAR, HAÝYŞ EDÝÄN, MAŇA BU YZA HÖTDE GELMÄGE KÖMEK BER.
ÝENE-DE HAÝYŞ EDÝÄN, MARA WE ONUŇ ÄRINE HEM KÖMEK ET, OLARA SENIŇ SÖÝGIŇI WE ALADALARYŇY GÖRMEKLERINE KÖMEK ET!
DORI 16 ÝAŞADY. BIR GEZEK ONUŇ KELLESINE ÝENE-DE BIR GEZEK ÇAGALAR ÖÝÜNE GITMEK PIKIRI GELDI.
DOKTOR WELÇ!
DORI! SENI GÖRMEGIME ÖRÄN ŞAT! ÝAGDAÝLARYŇ NÄHILI?
MENIŇ HEMME ZADYM GOWY.
ÇAGALAR ÖÝÜNIŇ LUKMANY WELÇ OŇA GARAŞYLMADYK BIR TEKLIP ETDI.
SEN MENIŇ MAŞGALAMDA ÝAŞAP, BIZDE IŞLEMÄGE NÄHILI GARAÝARSYŇ?
WAÝ, MUNUŇ GOWUDYGYNY! MEN RAZY!
WELÇLERIŇ ÖÝÜNDE...
GIR, DORI, SEN BIZDE ÖZÜŇI BAGTLY DUÝARSYŇ DIÝIP UMYT EDÝÄRIN.



BU SENIŇ OTAGYŇ BOLAR, DORI! KROWADYŇ ÜSTÜNDÄKILER BOLSA — SENIŇ TÄZE EŞIKLERIŇ.
BULARYŇ HEMMESI MENIŇKIMI? BU MÜMKIN DÄL!
ŞU ÝERDE OL BIR ZADA DÜŞÜNDI...
BU NÄHILI, BU IŞ GEÝIMI! DIÝMEK, MEN BARY-ÝOGY HYZMATKÄR-DE!
HER NIÇIK BOLSA-DA, DORI LUKMANYŇ ÖÝÜNDE ÖZÜNI BAGTLY DUÝDY, BU OL BARADA ALADALANÝAN ILKINJI MAŞGALADY.
DORI, SEN ÇAGALARA ÖRÄN OŇAT SEREDÝÄRSIŇ. DORI, BAR DYNJYŇY AL, SEN ÝADANSYŇ, SEN UZYN GÜN IŞLEDIŇ AHYRYN.
ISLÄN KITABYŇY ALYP OKAP BILERSIŇ.
SENIŇ OKAÝAN KITABYŇ NÄHILI?
BU MENIŇ INJILIM, MEN ONY HER GÜN OKAÝARYN!
ONDA HUDAÝ BARADA GÜRRÜŇ BERILÝÄR, MEN ONY HAS OŇAT TANASYM GELÝÄR. OL MAŇA HEMIŞE KÖMEK BERÝÄR!
MEN SENIŇ KYN PURSATLARDA DINDEN TESELLI ALÝANDYGYŇA ŞAT.
ÝÖNE HANYM WELÇ, MENIŇ IMANYM MAŇA HAS KÖP ZATLARY BERÝÄR. HUDAÝ ISA MENI GÜNÄLERIMDEN AZAT ETDI, INDI MEN HUDAÝYŇ MAŞGALASYNA KABUL EDILDIM.
EGER-DE SIZ HEM ONDAN HAÝYŞ ETSEŇIZ, OL SIZE-DE HEMME ZATLARY EDER.
MEN HUDAÝA MÄTÄÇ DÄL, DORI. MENIŇ OŇAT ÄRIM BAR WE IKI SANJAK AJAÝYP ÇAGAJYGYM BAR. MAŇA BAŞGA NÄME GEREK?
OL MAŇA ŞEÝLE MÄHIRLI GARAÝARDY! MENIŇ OŇA ŞEÝLE BIR DÜŞÜNDIRESIM GELÝÄR WELIN!


DORI MEKDEBI TAMAMLADY WE ÇEPERÇILIK KOLLEJINE OKUWA GIRDI. OL EÝÝÄM 19 ÝAŞADY WE HEMIŞE WELÇLERIŇ ÖÝÜNDE HYZMATKÄR BOLUP GALMAJAKDYGYNA DÜŞÜNÝÄRDI. BIR GEZEK LUKMAN WELÇ OŇA GARAŞYLMADYK BIR SORAGY BERDI...
DORI, SENIŇ KAKAŇ NIREDE?
MENIŇ...KAKAM? MEN BILEMOK, MEN ONY HIÇ HAÇAN GÖRMEDIM AHYRY.
BELKI OL BARADA HAÝSYDYR BIR MAGLUMATLARY TAPMAKLYGA SYNANYŞYP GÖRERIS?
MEN OL OKLAHOMADA ÝAŞAÝAR DIÝIBÄ EŞIDIPDIM.
SORAGHANAMY? SIZ TALSADA OKLAHOMADA JENAP L. DAKWORTYŇ ÝAŞAÝANDYGYNY AÝDYP BILMERSIŇIZMI?
BIR MINUTJYK GARAŞYŇ... HAWA, ÝAŞAÝAR, SIZE ONUŇ BELGISI GEREKMI?
ÝOK, SAG BOLUŇ. MEN DIŇE ONUŇ ŞOL ÝERDE ÝAŞAÝANLYGYNY BILJEK BOLDUM. SAG BOLUŇ.
YNHA GÖRÝÄŇMI, DORI ... BIZ SENIŇ KAKAŇ SALGYSYNY TAPARYS WE SEN BOLSA OŇA HAT ÝAZARSYŇ.
„HORMATLY JENAP DAKWORT! MENIŇ ADYM DORIS..." NÄTANYŞ ADAMA HAT ÝAZMAK, ONDAN SEN MENIŇ KAKAMMY DIÝIP SORAMAK NÄHILI GEŇ ...
IKI HEPDE GEÇENDEN SOŇ...
ŞU ÝERE GOLUŇYZY ÇEKIŇ, HAÝYŞ EDÝÄN.
ELBETDE!


SEREDIŇLE, BU MAŇA!
AÇ ÇALTRAK!
MEN MUNY EDIP BILEMOK. BU JENAP DAKWORTDAN!
MEN ONY OKAP BILEMOK, ONUŇ NÄME ÝAZÝANYNY OKAP BERÄÝIŇDE.
GETIR MEN HATY AÇAÝYN.
MEN KAKAMY TAPDYM!
SERET-LE ONUŇ GOL ÇEKIŞINE.
SENI SÖÝÝÄN KAKAŇ.
MUŇA YNANYP BILEMOK. BU SEN AHYRYN... GEÇENLER GAÝDYP GELÝÄN ÝALY... HEMME ZADYŇ GOWULYGYNA ÖZÜMI BAGTLY DUÝÝARYN. MAŇA ÝENE-DE HAT ÝAZ.
BULARYŇ HAKYKATDAN BOLUP GEÇÝÄNDIGINE YNANYP BILEMOK!
BIRNÄÇE HEPDE GEÇENDEN SOŇ, JAŇ GELDI...
MEN DORIS BILEN GÜRLEŞIP BILERINMI?
MEN DIŇLEÝÄN.
DORI, EZIZIM, BU KAKAŇ, MEN SENIŇ BILEN DUŞUŞASYM GELÝÄR, SEN MENIŇKÄ GELIP BILERMIŇ?
24.16. MEN GORKÝAN. MEN ÝENE-DE TAŞLANASYM GELENOK.
ÝOK, KAKA, MENI GÖRSEŇ, SOŇ MEŇ BILEN DUŞUŞASYŇ GELMEZ.
SAMSYK GÜRLEME! SEN MAŇA GEREK! MEN SAŇA ÝOL PULY IBERERIN, HAÝYŞ EDÝÄN, ÇALTRAK GELÄÝ!


DORI ÖZÜNI ELE ALDY, BILET SATYN ALDY WE KALIFORNIÝADAN OKLAHOMA AWTOBUSLY UZAK ÝOLA UGRADY.
MEN ONY NÄDIP TANARYN?
OŇ,GÖWNÜNE ÝARAMA-SAM NÄ?
AWTOBUSDAN DÜŞÜP, DORI NÄTANYŞLARYŇ ÝÜZLERINE BILESIGELIJIK BILEN SEREDÝÄRDI.
BAGYŞLAŇ, JENAP, SIZ MENIŇ KAKAMMY?
DORI!
KAKASY ONY ÖÝÜNE GETIRDI.
TANYŞ BOL, DORI, BU MENIŇ AÝALYM BLANŞ.
HOŞ GELDIŇ, DORI!
DORI, BELKI SEN BIZDE GALARSYŇ? BU ÝERDE IŞ TAPARSYŇ...
MEN HAKYKATDAN HEM OŇA GEREK! OL MENI SÖÝÝÄR!
SAG BOL, KAKA, MEN HÖWES BILEN GALARDYM.
KAKA, NÄME ÜÇIN SEN HIÇ HAÇAN BIZI TAPMAGA SYNANYŞYK ETMEDIŇ?
ÝADYŇDAN ÇYKAR, EZIZIM, MEN GEÇEN ZATLAR BARADA ÝATLASYM GELMEÝÄR.
OL KIM?
KAKA, TÄ SENI TAPÝANÇAM, MENIŇ ÝEKEJE HAKYKY DOSTUM BARDY.


BU ISA. ÇAGALAR ÖÝÜNDE MAŇA ŞEÝLE KYN WAGTDA, MEN OŇA ÖZ ÖMRÜMI BERDIM WE OL MENIŇ IŇ OŇAT DOSTUM BOLDY!
MENIŇ HUDAÝ ÜÇIN WAGTYM ÝOK! MENIŇ BEÝLE GÜRRÜŇLERI EŞIDESIM HEM GELENOK.
ÝÖNE KAKA, OL SENI SÖÝÝÄR!
BIDEREKLIK! MÜMKIN, SAŇA DIN GEREKDIR, EMMA MENI BU GYZYKLANDYRMAÝAR.
SEN ENTEK ÝAŞ. BIR ÝERLERE GÖWÜN AÇMAGA GIT, SENIŇ ÝAŞYŇDA DURMUŞA BEÝLE AGRASLYK BILEN SERETMEK GEREK DÄL.
NÄME ÜÇIN ADAMLAR DÜŞÜNMEÝÄRKÄLER?
DORI ÖZ KAKASYNYŇ ÖÝÜNDE IKI ÝYL ÝAŞADY, EMMA ŞUNÇA WAGTYŇ DOWAMYNDA ONUŇ ÝÜREGINDÄKI GÖREŞ GITDIGIÇE TUTAŞÝARDY.
MEN BIR WAGTYŇ ÖZÜNDE ÝERDÄKI WE GÖKLERDÄKI ATAMYZA ÝARANYP BILMERIN.
BU ÝERDE OŇA ÖZÜNE GÖNÜKDIRILEN SES EŞIDILEN ÝALY BOLDY...
BAŞGA HEMMELER SENDEN ÝÜZ ÖWRENLERINDE KIM SENI SÖÝDI?
BU HAKYKAT! KAKAM MEN ÇAGALAR ÖÝÜNDEKÄM BIR GEZEK HEM MENI GÖRMÄGE GELMEDI. OL MENI TAPJAK HEM BOLMADY.
EJEM MENI URANDA WE ÖÝKELEDENDE, HUDAÝ MENI KÖŞEŞDIRÝÄRDI...
HUDAÝ, BU AGYR ÝYLLARYMDA DIŇE SEN MENI KÖŞEŞDIRÝÄRDIŇ, INDI MEN SENDEN HIÇ HAÇAN ÝÜZ ÖWÜRMERIN!
KAKA, MEN OÝLANDYM. MEN KALIFORNIÝA GAÝDYP BARJAK.
BOLÝA-DA, EZIZIM, EGER SEN ŞEÝLE KARARA GELEN BOLSAŇ, MEN MUŇA GARŞY BOLMARYN.
DORI ÝÜREGINDÄKI YZA BILEN GOŞLARYNY ÝYGNADY, KAKASY BILEN HOŞLAŞDY WE AWTOWOKAZALA TARAP ÝOLA DÜŞDI.


DORI 21 ÝAŞADY. BASYM OL IŞ TAPDY WE KALIFORNIÝADA ONUŇ DURMUŞY ABADAN BOLUP BAŞLADY, ÝÖNE MUŇA GARAMAZDAN ONY BIR ZATLAR BIYNJALYK EDÝÄRDI.
SEN ÖZ DURMUŞYŇY ADAMLARA MEN BARADA GÜRRÜŇ BERMÄGE BAGYŞLAMAGA RAZYMYŇ, DORI?
ÝAGNY IŞI TAŞLAMAKMY? BAŞGA ÝURDA GITMEKMI? BU MENIŇ ÜÇIN ÖRÄN KYN BOLARMYKA DIÝÝÄN, HUDAÝ.
ISA MENIŇ ÜÇIN ÖZ ÖMRÜNI BERDI AHYRYN. NÄME OŇA ÖZ ÖMRÜMI BERMELI DÄLMI EÝSEM?
MEN RAZY, HUDAÝ, MEN SEN NÄME ISLESEŇ EDERIN, SEN MENI NIRÄ IBERSEŇ, ŞOL ÝERE HEM GIDERIN.
HUDAÝ DORÄ ÖRÄN DAŞ ÝURDA GITMEGI BUÝURDY, ONUŇ GITMELI ÝURDUNDA ADAMLAR HIÇ HAÇAN ISA WE ONUŇ SÖÝGÜSI BARADA EŞITMÄNDILER.
MEN ÖZÜMIŇ ÝERDÄKI ATA — ENELERIMI TAPMALY WE OLAR BILEN GITMÄNKÄM HOŞLAŞMALY.
YNHA OL!
MEN ONUŇ IŞI OŇA ÝARAÝARMYKA DIÝIP OÝLANÝARYN. MEN ONUŇ ÝADYNA BIR DÜŞÝÄRMIKÄM?
SEN ONUŇ BILEN GÜRLEŞESIŇ GELÝÄRMI?
ÝOK, GOWUSY GEREK DÄL.
MAŇA HENIZ HEM AGYR, HUDAÝ. ŞONDA-DA EJEMI BAGYŞLAMAGA KÖMEK EDENIŇ ÜÇIN MINNETDAR. OŇA AK PATA BERÄÝ. OL SAŇA ÖRÄN MÄTÄÇ.
MEN GEÇEN ZATLARY ÜÝTGEDIP BILMEN. ONY UNUTMAGA KÖMEK ET. SEN MEŇ ÜÇIN GELJEGI TAÝÝNLADYŇ, MENIŇ ÖŇE GIDESIM GELÝÄR.
OL KAKASYNA ÖZÜNIŇ GELEN KARARY BARADA AÝTMAGA WE ONUŇ BILEN HOŞLAŞMAK ÜÇIN ÝENE-DE OKLAHOMA UGRADY.
KAKA!
EZIZIM! SENI ÝENE GÖRENIME ŞAT!


DORINIŇ KAKASYNYŇ ÝÜREGI AGYRYLYDY WE ONUŇ DAŞ SYPATY ÖWERLIKLI DÄLDI.
DORI, MEN HEMIŞE NÄHILI ÝAŞAMALYDYGYNY BILÝÄRDIM, ÝÖNE MEN NÄHILI ÖLMELIDIGINI BILEMOK; ÝNHA MENIŇ ÖLÜMIM ÝAKYNLAP GELÝÄR.
KAKA, DIŇE ISA BIZI ÖLÜMI KABUL ETMÄGE TAÝÝARLAP BILÝÄR. ONUŇ BILEN ÝARAŞ.
ÝOK! MEN SAGAT WAGTYM HEM OŇA MÄTÄÇLIK ÇEKEMOKDYM, OL MAŇA HÄZIR HEM GEREK DÄL!
WAH, KAKA, OL SENI SÖÝÝÄR AHYRYN!
BES ET! MEN BU BARADA GAÝDYP ÝEKEJE SÖZ HEM EŞIDESIM GELENOK!
KAKA, MEN SAŇA WAGYZÇY BOLMAGY ÝÜREGIME DÜWENLIGIM WE ADAMLARA ISA BARADA GÜRRÜŇ BERMEK ÜÇIN DAŞ ÝURDA BARÝANLYGYM BARADA AÝTMAGA GELDIM.
EGER SEN ÖZ DURMUŞYŇA ŞEÝLE YGTYÝAR ETMEKÇI BOLSAŇ, ONDA ÇEMODANYŇY AÇYP HEM OTURMA! YZYŇA, KALIFORNIÝA TARAP UGRA!
KAKA, SEN MENI KOWAÝJAKMY?
HAWA, EDIL ŞEÝLE!
GAÝDYP MENIŇ SENI GÖRESIM GELENOK – HIÇ HAÇAN.
DORI TAKSI ÇAGYRDY WE ÇEMODANYNY ALDY-DA UGRADY.
SAG BOL, KAKA... HER NIÇIK HEM BOLSA MEN SENI SÖÝÝÄN!
ONUŇ KAKASYNY GÖRÜŞI IŇ SOŇKY GEZEK BOLUPDY.
HUDAÝ, BU MENI SÖÝÝÄN ÝEKE-TÄK ADAM. NÄDIP OL BEÝTMEGI BAŞARDYKA?
YZYNA GAÝDYP BARÝARKA, ÝOLDA HUDAÝ ONY KÖŞEŞDIRDI. ONUŇ ÝARALY KALBYNA TESELLI BERDI...
"HIÇ ZAT SENI MENIŇ SÖÝGIMDEN AÝRYP BILMEZ".
"SENI TAŞLAMARYN WE SENI GOÝMARYN".


MENIŇ EJEM MENIŇ DÜNÝÄ INENIME GYNANÝAR... MENIŇ KAKAM MEN ÇAGAKAM MEN BARADA ALADA ETMEDI WE INDI BOLSA MENI KOWDY...
DIŇE ÝEKEJE DOSTUM HIÇ HAÇAN MENI TAŞLAMADY — ISA! HUDAÝ, SENIŇ MENI HÄZIR TAŞLAMAJAKLYGYŇ ÜÇIN SAŇA MINNETDARDYRYN. ÝÖNE HAÝYŞ EDÝÄN, MENIŇ BU YZALARYMY BEJER!
WAGYZÇYLARYŇ MEKDEBINDE...
NÄHILI GELŞIKLI OGLAN. ONUŇ HALAN GYZYNYŇ BAGTY ÇÜWER!
NÄHILI ÝAKYMLY GYZ! ONUŇ ADY NÄMEKÄ?
DORI, MEŇ BILEN GAMBURGER IÝMÄGE GITJEKMI?
HÖWES BILEN!
DORI WE LLOÝD YZYGIDERLI DUŞUŞYP BAŞLADYLAR WE OLARYŇ DOSTLUGY GITDIGIÇE HAS ÝYGJAMLAŞYP BAŞLADY.
DORI, MEN SENI SÖÝÝÄN. SEN MENIŇ AÝALYM BOLMAGA RAZYMYŇ?
HAWA! MEN ŞEÝLE BIR BAGTLY!
AGŞAMARA...
HUDAÝ, SEN NÄHILI MERHEMETLI! MAŇA BU ADAMYŇ SÖÝGÜSINI BERENIŇ ÜÇIN SAŇA KÖP SAG BOLSUN AÝDÝARYN! OL MENI NÄHILI BOLSAM ŞEÝLE HEM SÖÝÝÄR... BU HAKYKATDAN-DA ARTYK ZAT! MUŇA YNANAR ÝALY DÄL.
HUDAÝ ÖZ SÖZÜNIŇ ÜSTI BILEN OŇA JOGAP BERÝÄRDI...
"... MENIŇ WE INJILIŇ HATYRASY ÜÇIN ÖZ ÖÝÜNI, DOGANLARYNY ÝA-DA UÝALARYNY, ATASYNY ÝA-DA ENESINI ... TAŞLAP, MUŇA DEREK ... ÝÜZ ESSE KÖP ÖÝ WE DOGAN ... GELJEK ASYRDA BOLSA EBEDI ÝAŞAÝYŞ ALMADYK HIÇ KIM ÝOKDUR".


HUDAÝ, BIZE AK PATA BER WE GOÝ BIZIŇ ÖÝÜMIZ HEM BAŞGA ADAMLAR ÜÇIN AK PATA BOLSUN.
ÝENE-DE, HUDAÝ, EGER-DE SEN MENI ÝEKEJE GÜNLÜK OWADAN EDIP BILSEŇ, GOÝ, BU ŞU GÜN BOLUP GEÇSIN!
SAŇA MINNETDARDYRYN, HUDAÝ, BU GÜN MEN ÖZÜMI AJAÝYP DUÝÝARYN!
ÖÝLENENLERINDEN SOŇ, LLOÝD WE DORI WAGYZÇYLAR HÖKMÜNDE TÄZE GWINEÝA, GÜNORTA — GÜNDOGAR AZIYNYŇ ADADAKY DÖWLETINE GITDILER.
TÄZE GWINEÝA
OLAR HUDAÝ BARADA DIÝSEŇ KÖP ADAMLARA GÜRRÜŇ BERDILER.
HUDAÝ, HAÝYŞ EDÝÄN, MENIŇ HEMME GÜNÄLERIMI GEÇ. MENIŇ DURMUŞYMA GIR.
KÖPLER IMAN ETDILER WE ÖZ ÖMÜRLERINI HUDAÝA BAGYŞ ETDILER.
DORI HUDAÝYŇ SÖÝGÜSINI TAPDY. OL SÖÝMEGI BAŞARÝAN WE ÖZ SÖÝGÜSINI BAŞGALARA BERMEGI BAŞARÝAN ADAMA ÖWRÜLDI.
AGŞAMLARYNY EJESINE GARAŞYP GEÇIRÝÄN WE KIMDIR BIRINIŇ SÖÝGÜSINI ISLEÝÄN ÝALŇYZ KIÇIJIK GYZJAGAZ...



ENÇEME ÝYLLAR GEÇENDEN SOŇ DORI ÖZ ÇAGALARYNA GÜRRÜŇ BERIP BILÝÄRDI...
ENÇEME EJIRLERIŇ ÜSTI BILEN HUDAÝY TANADYM WE HUDAÝYŇ HUÇ ZATDAN HEMME ZADY EDIP BILÝÄNDIGINE DÜŞÜNDIM. EGER SIZ MENIŇ AÝDANLARYMYŇ BARYSYNDAN HIÇ ZADY ÝADYŇYZDA SAKLAP BILMESEŇIS HEM, DIŇE BIR ZADY ÝADYŇYZDA SAKLAŇ...
HUDAÝ SIZI SÖÝÝÄR!
EÝÝÄM KÖP ÝYLLARYŇ DOWAMYNDA DORI HOŞ HABARY BÜTIN DÜNÝÄNIŇ ÇAGALARYNA GÜRRÜŇ BERIP GELÝÄR.
SIZ HUDAÝY ÖZÜŇIZIŇ ATAŇYZ HÖKMÜNDE, EDIL MENIŇ TANAÝYŞYM ÝALY TANASYŇYZ GELÝÄRMI? MEN MUNY NÄHILI ETMELIDIGINI DÜŞÜNDIRMÄGE SYNANŞAÝYN...
MEN ENTEK KIÇIJIK ÇAGAKAM, MEN ÖRÄN KÖP SANLY GÜNÄ IŞLERI ETDIM...
MEN MUNY RAKOWINA TÜÝKÜRERIN!
ÝALAN...
DORI, HÄZIRIŇ ÖZÜNDE BÄRI GEL!
GULAK ASMAZLYK
MEN KÖP ADAMLARY ÝIGRENERDIM WE KÖPLENÇ BEÝLEKI ÇAGALARA BAHYLÇYLYK EDERDIM.
OGRULYK...
BULARYŇ HEMMESINI HUDAÝ "GÜNÄ" DIÝIP ATLANDYRÝAR.


HUDAÝYŇ OGLY HAÇDA ÖLDI WE BIZIŇ GÜNÄLERIMIZ ÜÇIN JEZALANDYRYLDY.
HUDAÝ
ISA
ADAM
HUDAÝ MUKADDESDIR, BIZIŇ GÜNÄLERIMIZ BOLSA ONY BIZDEN DAŞLAŞDYRÝARLAR. HUDAÝ ŞEÝLE DIÝÝÄR, ÝAGNY GÜNÄ ÜÇIN ÖLÜM JEZASY BERILÝÄNDIR.
EGER SEN ISANYŇ BIZIŇ ÜÇIN ÖLENDIGINE YNANSAŇ WE ONDAN SENIŇ GÜNÄLERIŇI ÖTMEGINI SORASAŇ, SEN HUDAÝYŇ ÇAGASY BOLARSYŇ. OL GELER WE ÖZÜNIŇ RUHY BILEN SENIŇ ÝÜREGIŇDE ÝAŞAP BAŞLAR, OL SAŇA ÖZI BILEN BILE TÄZE DURMUŞDA ÝAŞAMAGA KÖMEK BERER.
GÜNÄ
MUNUŇ GOWUDYGYNY!
ISA ŞU GÜN HEM DIRI!
OL ÖLÜLIKDEN DIRELDI WE GÖKLERE UÇUP GITDI!
HUDAÝYŇ ÝANYNA BARYP OŇA ÖZ ÖMRÜŇI BAGYŞLASYŇ GELÝÄRMI? ONDA ŞEÝLE DOGA ET:
EZIZ HUDAÝ, ISANYŇ MENIŇ GÜNÄLERIM ÜÇIN JEZA ÇEKENLIGI SEBÄPLI SAŇA MINNETDARDYRYN
HAÝYŞ EDÝÄN, MENIŇ EDEN HEMME BIDEREK IŞLERIMI BAGYŞLA. MENIŇ DURMUŞYMA GIR WE MENIŇ HALASGÄRIM BOL.
OMYN.
HUDAÝYŇ MAŞGALASYNA HOŞ GELDIŇIZ! OL SENI SÖÝÝÄR. SENI ASLA TAŞLAMAJAKDYGYNA, ÝADYNDAN ÇYKARMAJAKDYGYNA WADA BERÝÄR. INE, HUDAÝY OŇAT TANAMAGYŇ ÜÇIN ZERUR ÜÇ SANY WAJYP ÄDIMLER:
1.
HER GÜN DOGALARYŇDA HUDAÝ BILEN GÜRRÜŇLEŞMEK ÜÇIN ÖZÜŇE WAGT TAP.
2.
ONUŇ SÖZÜNI OKA, EGER SENDE BAR BOLSA INJILI OKA. INJILIŇ ÜSTI BILEN OL GÜRLEŞER WE HEMIŞE SENI HAKYKATYŇ ÝOLUNA TARAP GÖNÜKDIRER.
3.
MÜMKIN BOLDUGYÇA ÝYGY-ÝYGYDAN BEÝLEKI IMANLYLAR BILEN DUŞUŞYP DUR.
OLAR — SENIŇ TÄZE MAŞGALAŇ, OLAR SAŇA GOLTGY BERERLER WE IMANDA ÖSMÄGE KÖMEK EDERLER.

# DORI

ÝIGRENÇ, RET ETMEK, GAHAR-GAZAP

DORI BU ZATLARYŇ BARYNY ÝETIMLIKDE BAŞYNDAN GEÇIRDI. ATA-ENESI TARAPYNDAN TAŞLANYP, BIR KESEKI ÖÝDEN BAŞGA BIR KESEKI ÖÝE GÖÇÜ-GONUP, ÇAGALYK DÖWRÜNDE OL DIŇE EJIR-JEPALARY WE ADAMLARYŇ DOŇÝÜREKLILIGINI GÖRDI. EMMA, BU ELHENÇLIGIŇ BARYNYŇ ARASYNDA OL ÖZÜNE HAKYKY DOST EDINDI. BU DOSTY ONUŇ AGYR ÝAGDA-ÝLARYNDA HEMIŞE ÝANYNDADY WE LAPYKEÇ PURSATLARYNDA OŇA UMYT BERÝÄRDI.

ŞU GÜN DORI BU UMYDYNY BÜTIN DÜNÝÄ BOÝUNÇA ÇAGALAR BILEN PAÝLAŞÝAR: "MEN ONUŇ "HIÇ ZADY" "ŞEÝLE BIR ZADA" ÖWRÜP BILÝÄNDIGINE DÜŞÜNDIM. HATDA, MENIŇ AÝDAN ZATLARYMYŇ BARYNY BIRDEN ÝADYŇYZDAN ÇYKARSAŇYZ-DA, DIŇE BIR ZADY ÖMÜRLIK ÝADYŇYZDA SAKLAŇ...

HUDAÝ SIZI SÖÝÝÄNDIR!"





THIS COMIC IS AN ADAPTION OF THE BOOK:
DORIE: THE GIRL NOBODY LOVED
© 1979 PUBLISHED ORIGINALLY BY MOODY PRESS.

INTERNATIONAL COPYRIGHT SECURED
FOR THE COMIC EDITION THROUGH MOODY PRESS.
© 2007 FOR THE TURKMEN DORIE COMIC. ALL RIGHTS RESERVED. TM